## Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
## — BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!


# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

**Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir!**

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty

Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar.

№4 (153) 2026-njy ýylyň 10-njy fewraly




# HEPDÄNIŇ MÖHÜM WAKALARY

**1-nji fewralda** türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow paýtagtymyzdaky Olimpiýa şäherçesinde bolup, Olimpiýa stadionynyň öňde boljak halkara futbol ýaryşyna taýýarlygynyň derejesi bilen tanyşdy. Häzirki wagtda Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen esaslandyrylan «Arkadag» futbol topary AFK-nyň II Çempionlar ligasynyň 1/8 finalynda Saud Arabystany Patyşalygynyň «Al-Nassr» topary bilen geçiriljek duşuşyga taýýarlyk görýär.

***

**2-nji fewralda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýewiň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi. Onda ýurdumyzyň oba hojalyk toplumynda we welaýatlarda alnyp barylýan işler bilen baglanyşykly meselelere garaldy.

***

**4-nji fewralda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Şri-Lanka Demokratik Sosialistik Respublikasynyň Prezidenti Anura Kumara Dissanaýaka Şri-Lanka Demokratik Sosialistik Respublikasynyň Garaşsyzlyk güni mynasybetli mähirli gutlaglaryny we iň gowy arzuwlaryny iberdi.

Döwlet Baştutanymyz mümkinçilikden peýdalanyp, Prezident Anura Kumara Dissanaýaka tüýs ýürekden berk jan saglyk, bagtyýarlyk, Şri-Lankanyň ähli halkyna bolsa parahatçylyk, öňegidişlik hem-de rowaçlyk arzuw etdi.

***

**4-nji fewralda** türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Arkadag şäherindäki Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynda we Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirkinde bolup, «At — myrat» okuw merkeziniň çagalary, «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň agzalary bilen duşuşdy. Gahryman Arkadagymyz çagalaryň hem-de ýaşlaryň öňünde «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň başynda türkmen bedewleriniň şöhratynyň belende galýandygyny, milli sirk sungatynyň dünýä derejesine çykýandygyny alamatlandyran waka mynasybetli çykyş etdi.

***

**5-nji fewralda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Täze Zelandiýanyň General-gubernatory hanym Sindi Kiro we ýurduň ähli halkyna Täze Zelandiýanyň milli baýramy — Waýtangi güni mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglaryny we iň gowy arzuwlaryny iberdi.

Döwlet Baştutanymyz mümkinçilikden peýdalanyp, General-gubernator Sindi Kiro tüýs ýürekden berk jan saglyk, bagtyýarlyk, abadançylyk, Täze Zelandiýanyň halkyna bolsa parahatçylyk, öňegidişlik hem-de rowaçlyk arzuw etdi.

***

**7-nji fewralda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Pakistan Yslam Respublikasynyň Prezidenti Asif Ali Zardarä hem-de Premýer-ministri Mian Muhammad Şahbaz Şarife Yslamabat şäherindäki metjitde bolup geçen, köp sanly adam pidalaryna we şikes ýetmelere getiren partlama zerarly gynanç hatyny iberdi.

«Türkmenistan terrorçylygyň we ekstremizmiň islendik ýüze çykmalaryny juda aýgytly ýagdaýda ýazgarmak bilen, bu apata garşy göreşmek hem-de ony ýok etmek işinde dünýä bileleşiginiň tagallalaryny doly goldaýar» diýlip, hatda bellenilýär.

Döwlet Baştutanymyz şu kynçylykly pursatda gurban bolanlaryň dogan-garyndaşlaryna hem-de ýakynlaryna Türkmenistanyň halkynyň we Hökümetiniň adyndan, şeýle-de hut öz adyndan ýürekden gynanjyny, medet beriji sözlerini, ejir çekenlere bolsa tiz wagtda sagalmaklary baradaky dileglerini beýan etdi.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

# TÄZELIKLER
# НОВОСТИ
# NEWS



### TURKMEN STUDENTS ACHIEVE INTERNATIONAL RECOGNITION IN MATHEMATICS AND CHEMISTRY OLYMPIADS

From January 25 to 28, 2026, in the city of Bukhara of the Republic of Uzbekistan, the Bukhara State University hosted the Bukhara International Mathematical Olympiad and the International Chemistry Olympiad among university students to compete at the highest academic level.

In mathematics, Turkmen students demonstrated exceptional skill on the international stage. The fourth-year student of the Faculty of International Economic Relations of our institute, Gochmyrat Penjiyev, earned second place in the individual competition, receiving a silver medal for his performance. In addition, the joint mathematics team from the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan and the Turkmen State Energy Institute was awarded the prestigious "Best Theoretical Mathematics Team" award, accompanied by a diploma and trophy, in recognition of their innovative and logical solutions.

### «GARAŞSYZ, BAKY BITARAP TÜRKMENISTAN — BEDEW BATLY AT-MYRADYŇ MEKANY» ADY BILEN ILKINJI OKUW SAPAGY GEÇIRILDI

2026-njy ýylyň 9-njy fewralynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda 2025-2026-njy okuw ýylynyň ikinji ýarymýyllygynyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» atly ilkinji okuw sapagy Žurnalistikanyň nazaryýeti we amalyýeti kafedrasynyň halypa mugallymy Jumaberdi Artykowyň alyp barmagynda geçirildi.



Ikinji ýarymýyllygyň ilkinji umumy okuw sapagynda halypa mugallym talyp ýaşlara hemişelik Bitarap Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň şanly 35 ýylynyň dowamynda ylym-bilim ulgamyndaky ajaýyp üstünlikler barada düşündirişler berdi. Şol sanda ýurdumyzda žurnalistikanyň taryhyndan başlap, häzirki wagta çenli gazanylan üstünlikler barada aýratyn belläp geçildi. Ilkinji okuw sapagy talyplar üçin örän täsirli boldy.

### СОСТОЯЛАСЬ ЧЕТВЁРТАЯ ОТБОРОЧНАЯ ИГРА ПЯТОГО СЕЗОНА ИНТЕЛЛЕКТУАЛЬНОГО КОНКУРСА «ЮНЫЕ ВЕСТНИКИ МИРА»

4 февраля 2026 года в Институте международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана состоялась IV отборочная игра V сезона интеллектуального конкурса «Юные вестники мира».

Очередная отборочная игра была посвящена теме «Дипломатия Нейтралитета — модель взаимного доверия и диалога во имя мира».

По итогам игры победу одержали ученик 12 класса специализированной школы-интерната имени Сапармурата Туркменбаши города Ашхабада Хожагельдиев Джейхун и ученица 12 класса специализированной школы №22 города Балканабада Балканского велаята Гулбердиева Медине.

**«Голос молодого дипломата».**

# BAŞYMYZYŇ TÄJI

Kitap barada söz açylanda, islendik adamyň kalbynda ýakymly duýgular kemala gelýär. Çünki, kitap ynsan ýüreginiň syrdaşy, dosty. Ony eline alan her bir okyjy özüniň durmuşynda ýüze çykýan islendik sowallara jogap tapýar. Şu ýerde Türkmenistanyň halk ýazyjysy, her bir okyjynyň kalbynda söýgä mynasyp bolan Berdi Kerbabaýewiň şeýle setirleri biygtyýar ýadyňa düşýär: «Kitap seni dünýäniň meşhur adamlary, alymlary, ýazyjylary, suratkeşleri, kompozitorlary bilen wagtyňda duşuryp, islän çagyňda sözleşdirip biler. Kitap saňa dürli ylymdan ders berer. Kitap seniň iň gadyrdan dostuňdyr. Kitap hiç wagt garramaýan, hemişe juwan, hemişe seniň gullugyňa häzir bir wepaly hyzmatkärdir». Bu keremli setirler neneňsi mamla.




Genji hazynamyz bolan kitap dünýäsi barha artyp, öz okyjylarynyň şatlygyna şatlyk goşýar. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow 2025-nji ýylyň 6-njy dekabrynda bolan Ministrler Kabinetiniň mejlisinde «Türkmenistanyň Bitaraplygy — parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly kitabyny ýazyp tamamlandygyny aýtdy. Bu bolsa her bir türkmen halkyny joşdurdy. Çünki hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllyk şanly senesine bagyşlanyp ýazylan bu kitapdaky buýsançly sözleri okamak neneňsi bagt.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Türkmenistanyň Bitaraplygy — parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly kitabynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan üç gezek ykrar edilen hemişelik Bitaraplygymyzyň taryhy ähmiýeti, dünýäde parahatçylygy we ynanyşmagy üpjün etmäge gönükdirilen ajaýyp başlangyçlar giňden beýan edilip, ýurdumyzda Bitaraplyk ýyllary içinde ýetilen belent sepgitleriň, gazanylan üstünlikleriň jemi jemlenýär. Hemişelik Bitaraplygymyzyň gymmatynyň beýany bolan bu kitapda hormatly Prezidentimiziň adamzadyň abadançylygyny üpjün etmekde, möhüm meseleleri oňyn çözmekde, dünýäde ynanyşmagy we dost-doganlygy pugtalandyrmakda Bitaraplygyň netijeli gurallaryndan peýdalanmagyň ýollary hakynda gymmatly pikirleri beýan edilýär. Hemişelik Bitaraplygymyzyň parahatçylygy we durnukly ösüşi üpjün etmekdäki ähmiýeti çuň manyly jümleleriň üsti bilen açylyp görkezilýär.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Türkmenistanyň Bitaraplygy — parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly kitaby diňe bir okyjylar köpçüligi üçin däl-de, biz talyp ýaşlarymyz üçinem nusgalyk görelde mekdebi, okuwlarymyzda gyzyla gaplaýmaly gollanma bolup hyzmat eder. Megerem, gadym döwürlerden bäri bitaraplyk düşünjesiniň halkymyzyň kalbynda ýaşaýandygyny aýtsak, onda bu nusgalyk eseriň gadyr-gymmatynyň we ähmiýetiniň juda-juda uludygyny buýsanç bilen belläsiň gelýär. Hormatly Prezidentimiziň parasadyndan dünýä inen nusgalyk kitaby peşgeş berendigi üçin müň kerem alkyş aýdýarys.

Goý, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, döwlet ähmiýetli işleri rowaç, ömürleri uzak bolsun!

**Züleýha GAÝGYSYZOWA,**
Halkara žurnalistikasy hünäriniň 1-nji ýyl talyby.

# ДИПЛОМАТИЯ МИРА И СОЗИДАНИЯ: НЕЙТРАЛИТЕТ КАК ФИЛОСОФИЯ ГЛОБАЛЬНОГО ДОВЕРИЯ

День дипломатических работников Туркменистана, празднуемый ежегодно 18 февраля – это не только профессиональный праздник, но и символ признания стратегической роли внешней политики в архитектуре региональной и глобальной безопасности. В этом году празднование приобретает особый смысл, знаменуя собой вступление в юбилейный год 35-й годовщины государственной независимости Туркменистана.

Благодаря дальновидным усилиям Национального Лидера туркменского народа, Председателя Халк Маслахаты Туркменистана Героя-Аркадага и Президента Туркменистана Аркадаглы Героя Сердара, в нашей стране создана уникальная модель внешнеполитической стратегии, в которой статус постоянного нейтралитета выступает ключевым инструментом укрепления всеобщего мира, безопасности и конструктивного международного диалога.

Как известно, фундаментом внешнеполитического курса нашей страны выступает правовой статус постоянного нейтралитета, трижды подтвержденный Резолюциями Генассамблеи ООН. Признание со стороны мирового сообщества закрепило за Туркменистаном репутацию авторитетного государства, осуществляющего активную реализацию стратегии, базирующейся на принципах мира и глобального доверия. Внешнеполитическая деятельность Отчизны, полностью отвечающая целям ООН, направлена на укрепление стабильности и атмосферы взаимопонимания как в региональном, так и в международном масштабе. Незыблемо следуя Уставу ООН и нормам международного права, Туркменистан использует нейтралитет как мощный политико-дипломатический и экономический ресурс, претворяя в жизнь фундаментальную философию «Диалог — гарантия мира» на благо всеобщей безопасности.

Современная дипломатия сегодня переживает коренную трансформацию. В условиях многополярности и отказа от жестких блоков она охватывает не только политические, но и экономические, культурные и экологические аспекты. Появляются новые формы, такие как цифровая дипломатия (взаимодействие через социальные сети) и публичная дипломатия, направленная на формирование позитивного общественного мнения.

В этой системе координат нейтралитет Туркменистана выступает как конструктивный инструмент миротворчества. Нейтральные государства становятся «мостами» для переговоров, используя методы «мягкой силы» и медиации для снижения международной напряженности. Одной из наиболее эффективных стратегий предупреждения конфликтов является превентивная дипломатия. Для Туркменистана — это основа внешней политики. В условиях глобальной нестабильности превентивная дипломатия выступает ключевым, а порой и определяющим инструментом предотвращения кризисов, позволяя своевременно переводить любые разногласия в плоскость конструктивных переговоров. Нейтральный статус Туркменистана служит прочным фундаментом для реализации этой стратегии, выражая готовность государства решать региональные и глобальные проблемы исключительно мирными политико-дипломатическими методами. Данный подход способствует формированию равноправного и взаимовыгодного партнерства в таких сферах, как мировая экономика, экология, продовольственная безопасность и рациональное распределение природных ресурсов, а также в вопросах защиты прав беженцев и мигрантов. Следовательно, туркменский нейтралитет и механизмы превентивной дипломатии образуют неразрывное единство, нацеленное на поддержание долгосрочной стабильности и безопасности в международном масштабе.

Признанием миротворческого потенциала нашей страны стало создание в 2007 году Регионального центра ООН по превентивной дипломатии для Центральной Азии (РЦПДЦА) со штаб-квартирой в Ашхабаде. Выбор столицы нейтрального Туркменистана для размещения этого органа был глубоко обоснованным, так как данная инициатива объединила миротворческий потенциал нашей страны с усилиями Организации Объединенных Наций по институционализации диалога как важнейшего инструмента обеспечения региональной стабильности.

Нейтральный Туркменистан неизменно демонстрирует приверженность принципам ответственности в международных делах, выступая за приоритет политико-дипломатических методов и механизмов превентивного реагирования для поддержания мира и безопасности. Конструктивная роль страны в вопросах региональной интеграции дополняется намерением продолжать активную работу на платформе Регионального центра ООН по превентивной дипломатии для Центральной Азии, что напрямую коррелирует с задачами Глобальной повестки дня 2030.

Принятие Меджлисом Туркменистана Постановления об утверждении девиза 2026 года — «Независимый нейтральный Туркменистан — родина целеустремлённых крылатых скакунов» — знаменует собой качественно новый этап в общественно-политической летописи государства. Данная концептуальная установка интегрирует в себе преемственность национальных ценностей и приоритетные стратегические ориентиры долгосрочного развития страны.

Современная дипломатия Туркменистана, основанная на политике «открытых дверей» и постоянном нейтралитете, демонстрирует всему миру, что доверие и диалог являются единственно верным путем к устойчивому развитию. Сочетая традиционные методы с инновационными подходами цифровой и превентивной дипломатии, наша страна продолжает вносить неоценимый вклад в укрепление глобальной безопасности, подтверждая верность идеалам мира и прогресса, которые являются главной движущей силой нашей Родина на пути к светлому будущему.



Мы выражаем слова искренней признательности архитекторам современного внешнеполитического курса Отчизны и поздравляем Национального Лидера туркменского народа, Председателя Халк Маслахаты Туркменистана Героя-Аркадага и Президента Туркменистана Аркадаглы Героя Сердара с Днем дипломатических работников Туркменистана, желаем крепкого здоровья, неиссякаемой жизненной энергии и больших успехов в осуществлении последовательных усилий по реализации миролюбивого внешнеполитического курса, направленного на благо процветания нашей Родины и всего человечества, способствуя торжеству идеалов мира, доверия и созидания.

**Шохрат ДИВАНКУЛИЕВ,**
старший преподаватель кафедры мировых языков.

6-njy fewralda Türkmenistanyň Hindistan Respublikasyndaky Ilçihanasynda Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmenistanyň Bitaraplygy – parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly täze kitabynyň tanyşdyrylyş dabarasy geçirildi.

# THE POSITIVE IMPACT OF HORSES IN HUMAN LIFE

Horses have played a vital role in human history for thousands of years. They are known not only as a means of subsistence and transportation, but also as special creatures that influence the spiritual, cultural, and social aspects of human life. Today, the positive impact of horses on human health and development is scientifically studied and widely used in practice.

Experts believe that horses have a calming effect on the human spirit. Humane horses reduce mental stress and anxiety. This increases self-confidence and helpsrestore emotional balance.

Currently, hippotherapy — a method of equine therapy is used to treat various psychological disorders. This method is particularly valuable as a natural and harmless form of treatment.

Horseback riding is a beneficial form of physical activity that activates many muscles of the body. Riding strengthens the muscles of the spine, lower back, and legs, improves balance, and the body's ability to adapt to general movements. Hippotherapy is considered particularly effective for children with limited mobility and patients undergoing rehabilitation. The rhythmic movements of horses act as a natural workout for the human body.

Horses develop qualities such as responsibility, patience, and discipline. Horseback riding requires a responsible approach to the horse's care, nutrition, and health. This is also important for raising young generation.

Through interaction with horses, children learn to respect their work, be kind to animals, and maintain discipline. These qualities also have a positive impact on their social lives.

Horses are an integral part of the national culture of many peoples. In folklore, literature, and art, they are depicted as symbols of strength, courage, and freedom.

Thanks to the tireless efforts of our estimed President, Hero Arkadag, equestrian sport is developing. This is also evidenced by regular races at the state hippodromes. Founding of the Aba Annaev International Academy of Horse Breeding and the recent awarding of the National Equestrian Games Group «Galkynysh» at the latest International Circus Festival in Monte-Carlo with an International Certificate and gold medal is a clear symbol of high valuation of purposeful winged horses on the Turkmen Land. Furthermore, equestrian sports and traditional equestrian games promote a healthy lifestyle and strengthen social ties.

**Artyk BEGENJOV,**
the 1st year student of the Faculty of International Journalism.

# BILIM — HEMIŞELIK BAÝLYK

Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Häzirki wagtda talyp ýaşlaryň dünýä derejesinde bilim almagy, innowasion tehnologiýalary özleşdirmegi we ylmyň iň soňky gazananlaryna eýe bolmagy üçin ähli şertler döredilendir. Ýanwar aýy bolsa, okuw ýylynyň dowamynda gazanylan netijeleriň we geljekki meýilnamalaryň seljerilýän möwsümidir. Häzirki zaman dünýäsinde diňe bir nazary bilime eýe bolmak ýeterlik däl, eýsem, şol bilimi sanly ulgam we tehnologik ösüşler bilen utgaşdyryp bilmeklik zerurdyr.

Halkymyzda «Hünär akar bulak — ylym ýanar çyrag», «Ylymsyz bir ýaşar, ylymly — müň», «Bilimli ozar, bilimsiz tozar» diýlişi, ýaly kämil ylym-bilim alyp, öz hünäriniň hakyky eýesi bolup, Watanymyzyň ösüşlerine mynasyp goşant goşmak türkmen ýaşlary üçin mukaddes borçdur.

Ýurdumyzyň geljegi bolan talyp ýaşlar üçin bu ýyl täze ylmy açyşlaryň we döredijilikli zähmetiň ýylyna öwrüler. Häzirki döwürde sanly ykdysadyýet, maglumat tehnologiýalary we dünýä dillerini öwrenmek ýaşlaryň esasy wezipeleriniň biridir. Bilim — bu hemişelik baýlykdyr. Adamzadyň taryhynda gazanylan ähli üstünlikleriň gözbaşynda ylym we bilim durandyr. Ýurdumyzyň gülläp ösmegi, ykdysady kuwwatynyň artmagy we halkara abraýynyň belent bolmagy hut şu günki bilimli ýaşlara baglydyr.

Hakykatdan-da, döwrüň talaby ýaşlardan has ýiti zehini, giň dünýägaraýşy we hünär ussatlygyny talap edýär. Döwrebap bilim binalarynda, sanly kitaphanalarda we ýokary tehnologiýaly barlaghanalarda bilim alýan ýaşlarymyz döwletimiziň intellektual kuwwatyny emele getirýärler. Olaryň halkara ders bäsleşiklerinde gazanýan altyn medallary, oýlap tapyjylyk ukyplary Watanymyzyň abraýyny has-da belende göterýär.

Döwlet derejesinde kesgitlenilýän her ýylyň şygary şol ýylyň dowamynda amala aşyryljak durmuş-ykdysady we medeni özgertmeleriň esasy ugruny görkezýär. Bu ýaş nesillere watansöýüjilik terbiýesini bermekde, halkymyzyň taryhy mirasyny gorap saklamakda we dünýä jemgyýetçiligine öz milli gymmatlyklarymyzy tanatmakda uly ähmiýete eýedir. Ýanwar aýynyň ilkinji günlerinde biz şol uly maksatlara tarap ilkinji ädimlerimizi ädýäris.

Halkymyzyň pelsepesinde «Ýyl nähili başlansa, şeýle hem dowam eder» diýen ynam bar. Şol sebäpli ýylyň ilkinji aýynda bitirilýän işler, tutulýan maksatlar aýratyn ähmiýete eýedir. Ýurdumyzyň her bir künjeginde täze binalaryň gurulmagy, ylym we bilim ulgamyndaky täze üstünlikler, oba hojalygyndaky taýýarlyklar — bularyň hemmesi ýylyň adyna mynasyp işleriň amala aşyrylýandygynyň subutnamasydyr.




Talyp ýaşlaryň döwrebap, döredijilikli bilim almaklary, bagtyýar ýaşlar bolup ýetişmekleri üçin uly tagallalar edýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, döwlet ähmiýetli işleri elmydama rowaç bolsun!

**Muhammet SÜLEÝMANOW,**
Jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedrasynyň mugallymy, institutyň Magtymguly adyndaky ilkinji Ýaşlar guramasynyň başlygy.

# Gahryman Arkadagymyzyň «Ömrümiň manysy» atly kitabynyň «Ýaşaýyş medeniýeti» bölüminden

Adam ykballary... Men bu hakynda kän oýlanýaryn. Şonda dogry görüm-göreldäniň, dogry terbiýäniň, kämil ýol-ýörelgäniň adam ykballaryna täsiri barada pikir edýärin. Atababalarymyz bu babatda beýik nusgalary goýup gidipdirler. Olaryň müňlerçe ýyllyk tejribesi, ynsan terbiýesi we ynsanyň




kämil adam bolmagy baradaky garaýyşlary esasynda dörän nakyllarda hem bu barada örän aýdyň beýa edilýär. «Ýagşy ene ýagşy gyza görelde», «Çagany-ýaşdan, edebi-başdan», «Ergeneksiz eklenen, terbiýesiz saklanan», «Enesini gör, gyzyny al, gyrasyny gör, bizini al», «Ata ogly ata çeker», «Atany söýen Watany söýer», «Ata gören ýol keser, ene gören don keser», «Atadan nesihat alan ogul kethuda bolar, eneden nesihat alan gyz keýwany bolar», «Ata alkyşy-altyn», «Ataň barka, dost gazan, atyň barka-ýol», «Ata kesbi ogla halal», «Enem-atam şirin dilli ussadym», «Halypasyz ussa bolmaz, tagsyrsyz-molla», «Şägirt halypadan ozdurmasa, hünär ýiter», «Hünärli ýigit-miweli agaç»... Görnüşi ýaly, şu hili atalar sözlerinde ajaýyp gylyk häsiýetli, gowy terbiýeli, hünärli bolmak, käriňde kämilleşmek, ýoluňy dogry saýlamak bilen baglanyşykly durmuş kanunlary her taraplaýyn düşündirilýär. Şunda ene-atanyň ornuna, halypanyň ornuna ullakan ähmiýet berilýär.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

2025-nji ýylyň 5-nji fewralynda Stambulyň Medipol uniwersitetinde 2026-njy ýylyň şygaryna — «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» bagyşlanan dabaraly çäre geçirildi.



## ÇEPER ESER – RUHY DÜNÝÄ

Çeper eserler — adamzadyň ruhy dünýäsi bilen gürleşýän döredijilik görnüşidir. Olar duýgulary, pikirleri we jemgyýetiň ruhy ýagdaýyny beýan edýär. Çeper eser — bu adamzadyň döredijilik ukyby bilen dördilen, estetiki gymmatlyga eýe bolan eseridir. Olar edebiýatda, suratkeşlikde, teatrda, kinoda, heýkeltaraşlykda we beýleki sungat görnüşlerinde ýüze çykýar. Çeper eserler we onuň edebi esasy boýunça döredilen sahna, kino eserleriniň düýp maksady okyjynyň ýa-da tomaşaçynyň duýgularyna täsir etmek, pikirlenmäge itergi bermek bolup durýar. Edebi eserler arkaly awtor öz duýgularyny, jemgyýete garaýşyny beýan edýär we jemgyýetiň ruhy dünýäsini kämilleşdirýär. Gahrymanlar, wakalar arkaly jemgyýetiň dürli taraplary görkezilýär. Eserler arkaly adamlar öz duýgularyny tanap, beýlekileriň duýgularyny öwrenýärler.

Çeper eserler adamzat durmuşynyň aýnasydyr. Olar ozal belleýşimiz ýaly, diňe bir döredijilikli beýan däl, eýsem, halkyň ruhy, medeni we jemgyýetçilik ösüşiniň ýol görkezijisidir. Her bir çeper eser halkyň ýüreginden, duýgularyndan syzylyp çykan sesidir.

Çeper eser talyp ýaşlary taryhy geçmiş bilen tanyşdyrmagyň bir serişdesidir. Ýaşlar näçe köp çeper edebiýaty okasalar olarda şonça-da wizuallaşmak hyýaly güýçlenýär. Wizuallaşmak — bu aň düşünjäni, hyýaly işleri kabul etmegi,psihologiki işleriň özara sazlaşygyny emele getirýär. Edebi eserleri okanyňda okyjynyň aňynda dörän düşünjeler bilen bir hatarda şekilleri hem peýda bolýar. Bu bolsa okyjynyň pikirleniş ukybynyň artmagyna, zehininiň ýüze çykmagyna uly itergi berýär. Ussat ýazyjy-şahyrlarymyzyň döreden çeper eserleri durmuşda öz ornuňy tapmaklyga, durmuşda dörän her hili kynçylyklardan baş alyp çykmaklyga, okyjynyň dünýägaraýşyny ösdürmäge, kämilleşdirmäge uly ýardam edýär.

*Kitap ýazdy Saryhanow Nurmyrat,*
*Geldi Bäşi geçdi il-güne ýarap,*
*Alym Nazar Gulla, Ahmet Bekmyrat,*
*Kalplara nur çaýýar çeper eserler.*

*Kerim Gurbannepes ussatlaň biri,*
*Berdi Kerbaba hem aňlarda diri,*
*Halk sarpalap söýdi Çary Aşyry,*
*Kalplara nur çaýýar çeper eserler.*

*Hydyr Derýa ýazdy täsin "Ykbaly",*
*Gurbannazar şygryň täze ykrary,*
*Gurban Çöli diý, şat çagalaň bary,*
*Kalplara nur çaýýar çeper eserler...*

**Aýnur HUDAÝBERGENOWA,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň 4-nji ýyl talyby.

## WEPADAR DOST

*(Rowaýat)*

Gadym wagtlarda bir obada Mergen diýen ýigit ýaşapdyr. Onuň Gökýal atly bir aty bar eken. Mergen bu aty taýlygyndan bäri öz eli bilen seýisläp, ony edil çagasy ýaly eý görüpdir. Gökýal hem eýesiniň her bir sözüne, hatda gözüniň bakyşyna hem edil adam ýaly düşüner eken.



Bir gezek Mergen söwdagärler bilen kerwene goşulyp uzak ýola rowana bolýar. Ýoluň dowamynda batgaçylykly, gorkunç bir jülgä ýetenlerinde, duýdansyz duman düşüp, kerweni ýolundan azaşdyrýar. Şol wagt garakçylar kerwene çozýar. Gysga wagtlyk söweşde Mergen agyr ýaralanyp, atynyň üstünden aşaklygyna ýykylýar.

Gökýal merdana eýesiniň ýanyndan bir ädim hem uzaklaşmaýar. Daş-töweregi gabaýan duşmanlar ýanyna golaýlatman, aýaklary bilen ýeri depip, aýylganç kişňäp, eýesini gorap durýar. Ahyry duşmanlar yza çekilýär, ýöne Mergeniň ýagdaýy örän agyrdy. Gökýal eýesiniň köýneginden dişläp, ony ýuwaşlyk bilen süýräp, bir gowagyň içine salýar.

Birnäçe günläp Gökýal eýesiniň başujynda durýar. Ol gama batyp, ne ot iýýär, ne-de suw içýär. Mergen az wagtdan huşuna gelende, wepaly atynyň gözlerindäki hiç hili beýan edip bolmajak mähri we wepalylygy görýär. At eýesiniň ýaralary bitişýänçä, ony şol ýerde saklaýar we eýesiniň daş-töweregine gözegçilik edýär.

Mergen ahyry aýaga galyp, Gökýalyň üstüne münýär. At öz eýesini göni obasyna tarap alyp gidýär. Obanyň gyrasyna ýetenlerinde, Gökýalyň güýji gutarýar. Ol eýesini aman-esen öýüne getirendigine begenip, soňky gezek bir kişňeýär-de, ýykylyp jan berýär.

Mergen atynyň özüne bolan wepadarlygyny görüp, gözýaşlaryny saklap bilmeýär. Ol özüniň iň wepaly dostuny ýitirendigine düşünýär. Şol günden bäri obada «Atyň wepalylygy – doganyň wepalylygyndan hem rastyrakdyr» diýen gürrüň galypdyr.

**Güljemal ALLAGULYÝEWA,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň 1-nji ýyl talyby.

## DÜNÝÄDE NE SYR BAR?

Dünýäniň ähli gözellikleri bakydyr. Gözellik ynsana ruhy güýç berýär. Ähli zatlarda gözellik bar. Meselem, kiçijik çaga owlagy, guzujyk, garry ene, aksakal ýaşuly, üwrelýän sallançak, goşa gumry we ş.m.

Adamyň ömrüniň boş wagty haçan bolýar? Ýagşylyk etmedik güni. Ejizlik nämeden döreýär? Maksatsyzlykdan. Dünýäde iň bagtly adam kim? Diňe ynsanlara ýagşylyk etmekden lezzet alýan, ýagşy duýgularda ýaşaýan adamdyr.

Bagty döredýän ynsanyň özüdir. Her bir adamyň bagty öz elindedir. Dünýäni döredýän adamzadyň özi ahyry. Maşgala bagty maşgala agzalarynyň hemmesine baglydyr. Ynsanperwerlik, adamkärçilik, şükürançylyk ynsany bagta ýetirýän ýoldur. Göwni ýykan adam bagt hakda oýlanmasyn. Ýagşylyk çykmaýan adamlarda bagt bolup bilermi? Dünýä ynsan bolup inmegiň özi bagtdyr. Bagt öz-özüňden, öz öýüňden başlanýar.

- Ärtogrul beg 93 ýaşapdyr. Onuň üç ogly bolup, iň kiçi oglunyň ady Osmandyr. Ärtogrul beg öz tagtyny Osmana tabşyrýar. Oguz atamyzyň agzybirlik we adalatlylyk pähmini ogluny ogluna ýatladýar. Osman imperiýasy dünýäni haýran edýär we Osman Gazy derejesine eýe bolupdyr. Osman beg 41 ýaşynda dünýä belli bolýar. Ol 43 ýaşynda köp ýerleri özüne tabyn edýär. Osman imperiýasy 600 ýyllap dowam edýär.
- Abdyrahym han hanlaryň hany. Ol hanlaryň hany derejesini alan hindi ýurdunyň patyşasy Baýram hanyň ogludyr. Abdyrahym han serkerdelikden, şahyrçylykdan, köşk işlerinden habarly bolupdyr. Onuň ejesiniň ady Selime soltandyr. Ol Hindistanda mogollar imperiýasyny dikeltmekde köp işler bitiripdir. Halky jany-dili bilen söýüpdir.Halk Abdyrahymy gowy görüpdir. Onuň «Babyrnama», «Humaýun» ýaly eserleri baryr.



- Magtymguly Pyragy «Totuguş dilli» dessanda 30-a golaý hünär hakynda ýazypdyr. Ony sile aldyranyna gaty gynanypdyr. «Eger-de ol dessan halka gowşandygynda halka uly peýda getirerdi» diýip, gynanjyny beýan edipdir. Onuň Zynuby, Orazmeňli diýen şahyr dostlary we Ussa Gara diýenem hatdady (hat göçüriji) dosty bolupdyr. Magtymgulynyň örän köp goşgusy silde galypdyr.
- Hemedany Abu Ýakup — Abu Ýakup Ýusup ibn Eýýup Hemedany — sopuçylyk taglymatynyň nagyşbendi ugrunyň uly bir wekilidir. Ol 1048-1140-njy ýyllarda ýaşap geçipdir. Ol köp wagtlap Maryda ýaşapdyr we Mary sopularynyň arasynda uly abraýa eýe bolupdyr. Abu Ýakubyň mazary gadymy Mary şäheriniň harabaçylygynda ýerleşýär. Onuň üstünde ýörite metjit salnypdyr. Hoja Ýusup baba hem diýilýär.
- Helde — ýedi gat ýeriň ikinji gatydyr.
- Hatyp — çeper söz sözleýän, dilewar, we metjitde, juma we baýram namazynda hutba okaýan adam we şu wezipäni alyp barýan adam.
- Hatam Taý-Hatam ibn Abdylla ibn Sa'd Taýy. Jomartlykda meşhur bolan adam (605-nji ýylda aradan çykypdyr).
- Magtymgulynyň 700-e golaý goşgusy bize mälimdir. Emma türk alymynyň aýdyşyna görä Özbegistandaky arhiwlerde onuň 900-e golaý goşgusynyň bardygyny aýdylýar.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

6 февраля в Италии состоялась церемония открытия XXV зимних Олимпийских игр.
Соревнования будут проходить с 6 по 22 февраля в нескольких локациях в Северной Италии.

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

Baş redaktor
Jumaberdi ARTYKOW

Baş redaktoryň orunbasarlary: M.Mätgurbanow, G.Gurbansähedow.

Jogapkär kätip: A.Kaşaňow.
Jogapkär kätibiň orunbasary: O.Çaryýarowa.

Bölüm müdiri: J.Gurbangylyjowa.

Edebi işgärler: A.Ýazweliýew, A.Nobatowa, Y.Hallyýew.

Korrektorlar: A.Döwletowa, B.Baýhanow.

Redaksion geňeşiň agzalary:
B.Ataýew, M.Berdinyýazow, A.Gökleňow, R.Başimow, B.Saryýew, B.Amansaryýew, B.Karaýew, M.Gandymowa, P.Çaryýew, J.Pürjäýewa.

Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda ýerleşdirilýär.

E-mail:
hgi.redaksiya@gmail.com